# «It geldi – gut geldi»

Category: Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 21 января, 2025
«It geldi – gut geldi»

«IT GELDI – GUT GELDI»

Halkymyz «It geldi – gut geldi» diýýär. Gut sözi gadymy türkmen sözi bolup, ol bagt manysyny aňladýar. Şeýle hem pederlerimiz it bilen bagly «It ýyly ek, doňuz ýyly or» diýmek bilen it ýylynyň ygally, bereketli, hasylly bolýandygyny belläpdirler. Görşümiz ýaly,süýdemdiriji öýhaýwany bolan itler adam durmuşynda möhüm orna eýe bolupdyrlar. Ir zamanlarda adamlar durmuş zerurlygy bilen bagly ilkinji haýwanlary eldekileşdirip başlapdyrlar. Şonda haýwanlaryň içinde it adama hem wepaly ýoldaş, hem onuň maşgala ojagyny, hojalygyny goraýjy hökmünde özüni aldyrypdyr. Şondan bäri itler adamyň ýakyn hemaýatkäri hasaplanypdyr. Ynsana wepaly hyzmat edipdir.

Geçmişde, esasan, maldarçylyk, çarwadarçylyk bilen meşgullanan ata-babalarymyz tohum itleri özüne hemra edinipdirler, olara aýratyn üns bilen garapdyrlar. Olary güjükliginden ýöwuz şertlere çydamly bolar ýaly özboluşly terbiýeläpdirler. Olarda gerekli zerur ukyplary ösdüripdirler. Irginsiz zähmetiň we türgenleşigiň esasynda türkmen tohum itleri kemala gelipdir. Umuman, itler adamlaryň durmuşynda ähmiýetli orun eýelänsoňlar, olar türkmen müçe hasaby boýunça on birinji ýylyň adyna, ýagny «it ýyly» diýen ada hem eýe bolupdyr. Munuň özi halkymyzyň türkmen tohum itlerine milli gymmatlyk hökmünde garandyklaryna hem şaýatlyk edýär.

Türkmen dil biliminiň onomastika ugrunyň toponimika, antroponimika, etnonimika ýaly bölümlerinde-de it, güjük, köpek bilen baglanyşykly has atlara gabat gelmek bolýar. Mysal üçin, ýer-ýurt atlarynda Güjükgyrylan, Güjükli, Güjüksuwy, Itasan, Itgyrylan, Ituwlan, Köpekli, Köpekýap ýaly sözleriň deräniň, depäniň, gyryň, kakyň, çeşmäniň we ş.m. ady hökmünde

ulanylyşyny görmek bolýar. Dogry, bu ýerde mysallaryň käbiri etniki at hökmünde hem ýüze çykyp biler.

Türkmen antroponimiýasynda it, güjük, köpek ýaly sözlerden hasyl bolan adam atlary hem özboluşly bir topary emele getirýärler. Bu ýerde «güjük ýaly çydamly bolsun, jany berk bolsun, ölmesin, uzak ýaşasyn» diýen ýaly manylary öz içine alýan Güjük, Güjükdurdy, Italmaz, Itbaý, Köpek, Köpekmyrat ýaly adam atlaryny ýatlap geçmek bolar.

Türkmen halky howlusynda it saklamagy gowy görýän halklaryň biridir. It saklaýan adam itniň dogumly, gorkmazak bolmagyny isläp, itine Ýolbars, Aždar, Gaplaň ýaly atlary dakypdyr. Şeýle hem güjügiň daşky alamatlaryna, tüýüniň, gözüniň reňkine görä, Garagöz, Akbaý, Garabaý, Goňurja ýaly atlary ýa-da olaryň häsiýetlerini, hüşgärligini aňlatmak üçin Wepaly, Dogumly ýaly atlary ulanypdyrlar.

Türkmen halkynyň gyzyldan gymmatly baý edebi-medeni mirasynda hem güjük, it bilen baglanyşykly, ýagny «Güjük dalanman köpek çykmaz», «Güjük ýaly „jöw-jöw“ edeniňden, ala köpek ýaly „haw-haw“ et», «It alnyna gelen gurt alnyna-da geler», «It batyra üýrer, gorkagy ýarar», «It çopanyň goldaşy, ýalňyzlykda ýoldaşy», «It gylygyna eýesi ýetik», «Itiň agzy ala bolsa-da, möjek görende biriger», «Iti bolmadygyň ýalagy bolmaz», «It üýrer, kerwen geçer», «It – ata, är – daýa», «Arkaly köpek gurt alar» kimin nakyllarda öz beýanyny tapypdyr.

Bilşimiz ýaly, dil biliminde sözler biri-biri bilen baglanyşýarlar, şonuň netijesinde hem olar dürli görnüşdäki utgaşmalyry, aňlatmalary emele getirýärler. «Grammatik we many taýdan biri-biri bilen baglanyşdyrylan iki ýa köp sözüň şonuň ýaly birikmesine söz utgaşmasy diýilýär» diýip, dilçi alym A. Annanurow belleýär. Durnukly söz utgaşmalarda, durnukly aňlatmalarda hem bu leksik birlikleri görmek bolýar. Mysal üçin, güjükligine dalanmak ýaşlygyndan gözüniň ody alynmak, tejribesizkä agzy uçukladylmak ýaly manyny berýär. Içi güjükli gürrüň kinaýa, kine gatyşykly aýdylan igençli gürrüňi

aňladýar.Agzyna it daňlan ýaly diýmek, hemişe lakgyldap oturan, yzyny üzmän ýaňraýan, ýaňra, lakgy diýen manydadyr. It alan sanaja döndermek biriniň bar aýbyny, kemçiligini aýtmak, paş etmek bilen bagly aňlatmadyr. It aýagyny iýen ýaly bir ýerde uzak durmaýan, gezegen, ykmanda, bir ýerde uzak eglenmän ygyp ýören babatda aýdylýan sözdür. It bilen pişik ýaly biri-biri bilen oňuşmaýan, biri-birini görende jyny atlanýan adamlar hakynda aýdylýar. It degmek biriniň ýa-da bir zadyň arzysy gaçmak, gymmaty kemelmek, gadyrsyzlanmak manysyndadyr. Itden aç-da ýok, dynç-da aňrujy gün güzerany aýlansa, işlemegi, zähmet çekmegi halamaýan adam hakynda aýdylýan aňlatma. Itden alyp, ite bermek aňlatmasy al petinden almak, ýüzüni almak, dalamak; özüni dürsemäge maý bermän, çykgynsyz güne salmak bilen bagly aýdylýar. Itden beter aç gaty aç, örän aç adam babatynda aýdylýar. Itden beter ýigrenmek öte ýigrenmek, gaty erbet görmek, halamazlyk. Itden çykarmak ugradan kişI bolup, atyp öldürmek, ýarag ujundan öldürmek ýa-da gaýdyp yzyny tapmaz ýaly etmek bilen bagly aýdylýar. Itde san bar, onda san ýok il deňinde görülmeýän, adam hatarynda ugry idelmeýän, sansyz, maslahat-sala salynmaýan, äsgerilmeýän adam hakynda aýdylýar. Ite bir sümek bergisi bar bergisi gaty köp diýmekdir. Bu aýtgyň asyl köki «ite bir süňk bergisi bar» bolmaly. It eýesini, pişik bikesini tananok agdar-düňder, başly-barat, bitertip ýagdaýy aňlatmak üçin ulanylýar. It göresi däl ýerine ýetirilişi, edilişi, ýasalyşy, bolşy şeýle bir ýaramaz, görer ýaly däl diýen manylary aňladýar. It görse, gözi agarjak hatda it hem çydajak däl, adam çekip çydar ýaly däl, ejirli, jebirli diýen manydadyr. It haýyr görmez hiç kime peýdasy degmeýän adama aýdylýan aýytgy. Iti aldap uran ýaly etmek namartlyk edip jeza bermek, aldawa salyp, niýetiňI amala aşyrmak, bigaýratlamak manylarda ulanylýar. Iti kowup, ýerinde ýatyp ýören il içinde sansyz, kär ýaramaýan, işden gaça durýan, bikär adam babatynda aýdylýar. It indegi ýok düýbünden indelenok, gereklenenok, gowy hyzmat edilenok diýen manydadyr. Itiň art aýagyndan suw içmek aňlatmasy kyn, agyr günde ýaşamak, ejirli durmuşda gün görmek bilen bagly ulanylýar. Itiň çykmak gaty ýadamak, lütüň çykmak, halys bolmak. Itiň

güni ýa-da Itiň güni bilen diýen aňlatma örän kyn, agyr ýagdaýda, zordan, kynçylyk bilen, zoraýakdan diýen manylary aňlatmak üçin ulanylýar. It janly çydamly, kynçylykdan, zähmetden gaýtmaýan, jany berk adam babatynda aýdylýar. It masgarasy bolmak ynsana gelişmeýän iş edip, ile masgara bolmak, masgara bolup gözden düşmek, öz günäň bilen biabraý bolmak. It masgarasy etmek birini iliň öňünde biabraý etmek, birini köpçüligiň öňünde masgaralamak bilen baglydyr. It otlan ýaly aňlatma iki manyda ulanylýar. Olaryň birinjisi, ugursyz-utgasyz, näme diýýänine düşüner ýaly däl diýen manyda, ikinjisi bolsa çalak-çulak edilen, ýaramaz ýerine ýetirilen iş barada aýdylýar. It ýalybir zat diýip ýüz tutsaň, ýüzüňi alyp duran, yzgytsyz, mähirsiz adam hakynda aýdylýar. It ýalyny yssy bermek biriniň içini ýakmak, gaharyny getirmek bilen bagly ulanylýar. It ýandakdan böken ýaly ýaramaz ýerine ýetirilen iş, göwnejaý edilmedik zat hakynda aýdylýar. It ýassanan ýaly birahat bolmak, gorkuly, ünjüli bolmak, ygtybary ýok manylary aňladýar. It ýylgyryşyny etmek ýalandan ýylgyrmak, syrtarylyp ýylgyrmak, ýalym-ýulum edip, ýaramsaklyk bilen ýylgyran bolmak ýaly manylary aňlatmakda ulanylýar. Görşümiz ýaly, it, güjük, köpek sözleri bilen baglanyşykly durnukly aňlatmalar köp sanly bolup, olar çeper eserlerde, özara gürrüňdeşlikde giňden ulanylýar.

Türkmen nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiliginde, çeper eserlerde, türkmen halk döredijiliginde hem itler bilen baglanyşykly sözler öz şöhlelenmesini tapýar. Mysal üçin, hormatly Prezidentimiziň «Döwlet guşy» romanynda «Omar awçynyň Ýolbars, Aždar diýen itleri şagallaryň uwlamalaryna ýabjynyşyp, ürmek bilen jogap berýärdiler» diýen setirlere gabat gelmek bolýar. Nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragy bolsa «It hem arryklygyn gurda bildirmez, // Elbetde, duşmana syýasat ýagşy» ýa-da «Yssy beren köpek ýegdir,// Uýatsyz, ykrarsyz ärden» diýmek bilen itleri gylykly,wepaly haýwan hökmünde suratlandyrýar. Türkmen halkynyň söýgüli şahyry Gurbannazar Ezizow bolsa «It» diýen goşgusynda:

…Köçede keýp bilen it üýrse batly,

Onuň daş ýüregin oda daglardy;

«Üýrüber, doganym, sen örän bagtly,

Üýrüber, doganym!» diyip aglardy.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalarynyň netijesinde Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýyly bolan 2017-nji ýylda ýurdumyzda geçiriljek Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryň şekili hökmünde türkmen alabaýynyň keşbiniň saýlanyp alynmagy türkmen tohum itlerine goýulýan sarpanyň uludygyny görkezýär.

Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän gadymy taryhy-medeni ýadygärlik toplumy bolan Daňdanakanda geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde türkmen alabaýynyň faýansdan edilen şekiliniň tapylmagy halkymyz üçin guwandyryjy wakadyr. Munuň özi halkymyz tarapyndan ýüzýyllyklaryň dowamynda türkmen itleriniň arassa tohumyny ösdürip ýetişdirmekde çäksiz aladalar edendiginden habar berýär.

Ata GYLYJOW,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň bölüm müdiri.

# turkmendili_2017

Türkmen dili